Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2025-nji ýylyň «31» dekabrynda
1921 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

"Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2019-njy ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 439-ö belgili buýrugy bilen tassyklan, Mysaly maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek boýunça gözükdirijä üýtgetme girizmek hakynda" Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2025-nji ýylyň 29-njy dekabrynda çykaran 246-iş belgili buýrugy

TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGI

MINISTRY OF FINANCE AND ECONOMY OF TURKMENISTAN

BUÝRUK

ORDER

«29» dekabr 2025 ý. № 246-iş

**«Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2019-njy ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 439-ö belgili buýrugy bilen tassyklan, Mysaly maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek boýunça gözükdirijä üýtgetme girizmek hakynda»**

"Hukuk namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 30-njy maddasyna esaslanyp, "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmegiň, maliýe hasabatlylygynyň düzlüşini we berlişini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 27-nji dekabrynda 1288 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Mysaly maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek boýunça gözükdirijini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2019-njy ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 439-ö belgili buýrugy bilen tassyklan, Mysaly maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek boýunça gözükdirijisiniň on ýedinji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

"17.Subýektleriň maliýe hasabatlylygyny bermeli möhletleri:

| Subýektleriň görnüşleri | Aralykdaky we ýönekeýleşdirilen aralykdaky maliýe hasabatlylygy hasabat senesiniň yzýanyndaky aýyň | Umumy maksatly we ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygy hasabat ýylynyň yzýanyndaky ýylyň |
|---|---|---|
| Subýektler (daşary ýurt maýa goýumlary bolan subýektlerden başga) | 20-sinde | 25-nji ýanwaryndan gijä galman |
| Daşary ýurt maýa goýumlary bolan subýektler | 25-inde | 25-nji ýanwaryndan gijä galman |

| | | |
|---|---|---|
| Önümçilik birleşikleri, birleşikler, Paýdarlar jemgyýetleri, agentlikler jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny berýärler | 30-ynda | 1-nji fewralyndan gijä galman |
| Ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny berýärler | hasabat döwri tamamlanandan soň 40 günden gijä galman | 1-nji fewralyndan gijä galman |

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň degişli orunbasarlary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M. Astanagulow**

Belgilenildi we bagjyklanyldy

4 sahypa

ý.ý. N.Allalyýewa

31.12.2025ý